THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýeti Russiýa Federasiýasynyň Wolgograd şäherinde geçirilen «Beýik miras – umumy gelejek» atly halkara foruma gatnaşdy

2025-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýeti Russiýanyň we Belarussiýanyň Bileleşiginiň Parlament Ýygnagynyň guramagynda, 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanyp, Wolgograd şäherinde geçirilen «Beýik miras – umumy gelejek» atly halkara foruma gatnaşdy. Türkmen wekiliýetiniň agzasy Forumyň «Umumy taryhy hakydany hatyralamak we goramak» atly birinji bölümçesinde çykyş edip, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmek babatda oňyn halkara başlangyçlarynyň, şeýle hem ýurdumyzda adalatly durmuş ösüşini üpjün etmek babatda alnyp barylýan işleriň ähmiýetini belledi. Bölümçede Russiýa Federasiýasynyň Wolgograd şäherinde Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilýän Forumyň işiniň häzirki zamanyň möhüm meselelerini – Durmuş ösüşini we adalatlylyk üçin parlament hereketini ara alyp maslahatlaşmakda netijeli meýdança bolup durýandygy, şeýle hem Parlamentara gatnaşyklaryň dünýä döwletleriniň dürli ulgamlarda gazanan üstünlikleri bilen ýakyndan tanyşmaga, tejribeleri paýlaşmaga ýardam edýändigi barada nygtaldy.

Все права защищены